# Oguz Ataý

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 21 января, 2025
Oguz Ataý OGUZ ATAÝ




Oguz Ataý, tanymal türk ýazyjysy, dramaturg. 1934-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda Kastamonynyň Ineboly raýonynda halk deputaty Jemil Ataýyň maşgalasyna dünýä inýär. 1951-nji ýylda Ankaranyň Magaryf kolležini, 1957-nji ýylda Stambul Tehniki uniwersitetiniň Gurluşyk fakultetini tamamlaýar. Üç ýyldan soňra Stambulyň Döwlet hünärmentçilik we binagärlik akademiýasynda (häzirki Ýyldyz Tehniki uniwersiteti) mugallymlar kollegiýasynyň agzasy bolýar. 1975-nji ýylda dosent bolan Oguz Ataý «Topografiýa» atly öz ugrundan bir kitap ýazýar. Dürli žurnallarda we gazetlerde makalalary çykýar. Oguz Ataý «Uýgunlaşmadyklar» («Tutunamayanlar») romanynyň 1971-72-nji ýyllarda neşir edilmeginden soňra, tankytçylaryň üns merkezinde boldy we bu eser uly çekişme döredýär. «Uýgunlaşmadyklar» 1970-nji ýylda TRT Roman baýragyna mynasyp bolýar.
Türk edebiýatynda iň ähmiýetli eserleriň biri hasap edilen «Uýgunlaşmadyklar» romany tankytçy Berna Moran tarapyndan «hem sözleýän sözleri hem-de sözleýiş biçimi bilen bir baş galdyrma» hökmünde baha berilýär. B.Moranyň pikirine görä «Uýgunlaşmadyklardaky» edebi kämillik türk romanyny döwrebap roman garaýyşy bilen bir ýere jemlemegi we köp zatlary gazanmagy başarypdyr.
«Uýgunlaşmadyklaryň» yzyndan Oguz Ataýyň 1973-nji ýylda ýazan «Hatarly oýunlar» («Tehlikeli oyunlar») romany ýene-de gyzgyn seslenme döredýär. Hekaýalaryny «Gorka garaşyp» («Korkuyu beklerken») ýygyndysynda jemlän ýazyjy 1911-1967-nji ýyllarda

ýaşap geçen professor Mustafa Inanyñ ömründen söz açýan «Bir alymyñ romany» atly kitabyny 1975-nji ýylda neşit etdirýär. 1973-nji ýylda ýazan «Oýunlar bilen ýaşaýanlar» atly pýessasy Döwlet teatrynda sahnalaşdyrylýar.
Oguz Ataý beýnisinde ýüze çykan çiş (опухоль) sebäpli, «Türkiýäniñ ruhy» atly beýik tutumly eserini tamamlamaga ýetişmän 1977-nji ýylyñ 13-nji dekabrynda 43 ýaşynda aradan çykýar. Ýazyjy «Edirnegapy Sakyzagajy» gonamçylygyna jaýlanýar.
Ölüminden soñra 1987-nji ýylda «Gündelik», 1998-nji ýylda bolsa «Hadysa-bilim» («Eýlembilim») kitaplary neşir edilipdir.
Diri wagtynda hiç bir kitaby ikinji gezek neşir edilmedik Oguz Ataýyñ kitaplary onuñ ölüminden soñra okyjylaryñ elinden düşmeýän kitaplara öwrüldi we onlarça gezek neşir edildi.
2005-nji ýylda Ýyldyz Ejewidiñ Oguz Ataýyñ ömri baradaky «Men bärde»- Oguz Ataýyñ biografiki we ceper dünýäsi» atly kitaby neşir edildi.
«Gorka garaşyp» eseri 2008-nji ýylda «Öteki» teatry tarapyndan sahnalaşdyryldy.
«Hatarly oýunlar» romany hem 2009-njy ýylda «Seyyar Sahne» teatry tarapyndan sahnalaşdyryldy we häli-häzire çenli sahnadan düşmän gelýär. «Bir alymyñ romany» atly biogragiki eseri bolsa, 2012-nji ýylda «Bir alymyñ oýuny: Mustafa Inan» ady bilen «Te Sahne» teatry tarapyndan sahna goýulýar.
Eserlerinde hyýal bilen hakykatyñ bir-birine ýugrulyp berilmegi we çeper beýan edijiligiñ öñe tutulmagy Oguz Ataýy postmodernistik roman kategoriýasynda eser döreden ilkinji ýazyjy hökmünde tanatdy. Ýazyjy hususanam «Uýgunlaşmadyklar» romanynda döwrebap şäher durmuşynda şahsy ýalñyzlyk, jemgytetden üzñelik we jemgyýetçilik ahlak, galyplaşan düşünjeler bilen kesekileşen, uýgunlaşmadyk şahslaryñ içki dünýäsini beýan edýär.
Eserleri tankydy, satiriki äheñe ýugrulan, we ironiki häsietlidir.
2007-nji ýyldan bäri Kastamony häkimligi Oguz Ataýýń adyna Edebiýat bäsleşigini gurnap gelýär.

- **Oguz Ataý barada ýazylanlar:**

1. Ýyldyz Ejewit «Türk romanynda postmodernistik açyşlar», («Iletişim» neşirýaty, Stambul-2001);
2. Ýyldyz Ejewit «Men bärde» – Oguz Ataýyñ biografiki we çeper

dünýäsi», («Iletişim» neşirýaty, Stambul-2005);
3. Handan Inji «Oguz Ataýa sowgat – Türk edebiýatynyñ «oýunbozary»», («Iletişim» neşirýaty, Stambul-2007); Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly